# Daşmetjidiň ykbaly / taryhy-çeper esse

Category: Kitapcy,Oýlanmalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Daşmetjidiň ykbaly / taryhy-çeper esse DAŞMETJIDIÑ YKBALY

Köneürgenç şäheri. Säheriň asuda, ümüş-tamyş wagty.
Egrem ýoldan sähel gyrada Daşmetjit dymyp otyr.
Üç ýüz altymyş pir mekany-gadymy Gürgenjiň taryhy ýadygärlikleriniň içinde iň juwany bolmagyna garamazdan bu ymaratyň başyna düşen günler az däl. Diňe adamlaryň ykbaly-nesibesi däl, eýsem-de bolsa, binalaryň, desgalaryň hem takdyry, kysmaty bolýar eken. Men her gezek bu mesgene gadam goýanymda oňa «Keç maňlaýly Daşmetjit» diýip içimden oýlaýaryn. Ata-babalaryň Adam başy-daşdan gaty diýen bir aýtgysy bar. Onda Daşmetjidiň daş maňlaýy hakda näme aýdyp bolar? Bilemok. Emma häzirlikçe bir purat taryha ýüzlenesim geldi.
Taryhy maglumatlara görä, bu metjit 1906-1908-nji ýyllarda asly köneürgençli, emma Hywada ýaşan Muhammetkerim işanyň, onuň ogly Mädeminiň ýolbaşçylygynda gurlup başlanypdyr. Şol döwür bu metjidi gurup tamamlamak üçin ataly-ogul Hywa hanyndan hem kömek sorapdyrlar. Metjidiň çykdajylary üçin Hywa hanlygynyň gaznasyndan Köneürgenç hem-de Çimbaý şäherlerinden alynýan bir ýyllyk salgydy harçlapdyrlar. Bu zatlar barada oýlanyp oturşyňa, halkymyzyň şol döwürde hem ylym-bilime nägadar döwtalap bolup, bu ugurda yhlas-hyjuwlaryny, gujur-gaýratlaryny gaýgyrmandyklaryna göz ýetirip, guwanýarsyň.
Ahyr Daşmetjit 1908-nji ýylda gurlup tamamlanypdyr. Bir wagtda metjit we medrese hökmünde gurlan bu ymaratda azan sesi ýaňlanyp ugrapdyr. Içki howlynyň töwereginde tegelenip oturan hüjrelerde ýaşaýan talyp-müritler Epdekden, Sopy Allaýardan, Rownakdan we Kyssaýy Rabguzydan sapak alyp başlapdyrlar.
Arman asyrlarboýy ylym-yrfan nuruny saçmaly metjitde birden oglan okadylmasy, asyl namaz okalmasy, tagat-ybadat bes

edilipdir. Ýurduň depesinden gara günler inip gelýärdi. Alys Orsyýetde başlanan Oktýabr ynkylabynyň gorkunç ýaňy Daşmetjitde adamlary ybadata çagyryp ýaňlanýan azan sesini sem edipdi.
1920-nji ýylda Horezm Halk Respublikasy döredilýär. Soňra ýene dört ýyldan ýurdumyz formal ýagdaýda TSSR diýen at bilen sowet hökümetiniň häkimliginiň astyna geçdi.
Bu ýerde okap bilim alýan sopy-müritler, talyplar zamananyň birden üýtgemegi bilen indi talabalaýyk bilim alyp bolmajakdygyna göz ýetirip, çar tarapa dagap gidipdiler. Bolup geçýän wakalara syn berip, seljerer, düşüner ýaly hem däldi, ähli zatlar bulaşyp barýardy. Daşmetjidiň at-abraýyny göterip ýören danyşment damyllalar, kary işanlar hem şol heýhatly günlerde bolşewikler tarapyndan ýok edilýärdi.
Daşmetjidiň diwarlary biziň taryhymyzyň pajygaly sahypalaryna şaýat. 20-30-njy ýyllarda onuň içki howlusynda “basmaçy” diýlip at berlen, emma hakykatda öz halkynyň namys-ary üçin gola ýarag alyp, ata çykan gerçekleriň sürgün edilen maşgalalary birnäçe hepdeläp aç-suwsyz ýagdaýda saklanypdyr. Soňra Daşmetjitde sowetleriň garamagynda dürli döwürlerde raýonyň maliýe bölüminiň, sosiýal üpjünçilik bölüminiň, posýolok sowetiniň jaýlary ýerleşýär. Diňe 1977-nji ýylda Daşmetjit muzeý hökmünde ulanylyp başlandy. Dogrusyny aýtsak muzeý jaýyna öwülmegini Daşmetjidiň soňky, özi hem mynasyp wezipesi hasaplaýaryn.
…Daşmetjit. Ozalynda halky namaz okamaga, imana-yrfana çagyrmaly ymarat. Ybadat jaýy. Maňlaýyna niçik ykballar ýazylan metjit. Müsür uniwersitetiniň professory Abul Hasan al-Bakri bilen Daşmetjidiň işiginden çykyp barýarkam «Bu gün geçmişi gursagynda saklap, mirashana bolup otyrsyň, Daşmetjit. Indi bir maňlaýyňa ýazylan ýagty günler uzak bolgaý» diýip, Daşmetjidiň hasratly heňňamlaryň heňi siňen diwarlaryna garap hyýalymda oňa ýüzlendim.

Sylapberdi MUHAMOW.

12.06.2017. Oýlanmalar